**TASSYKLAÝARYN**
**Türkmen döwlet maliýe institutynyň**
**rektory ____________ B.Taňryberdiýew**
**"____" __dekabr__ 2024ý.**

**Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň «HAKYDA GÖWHERI» atly kitabynyň many-mazmunyny açyp görkezmek, ýaşlaryň arasynda giňden wagyz etmek maksady bilen, Türkmen döwlet maliýe institutynyň guramagynda geçiriljek «Taryh şu ýerden başlanýar» atly esse ýazmak bäsleşiginiň**

**DÜZGÜNNAMASY**

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan durmuş-ykdysady taýdan durnukly ösüşlere, belent özgerişlere eýe bolýar. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň il bähbitli, ýurt ähmiýetli belent maksatlary ýaş nesiller üçin görelde mekdebidir.

Türkmenistanyň Bilim ministriniň 2024-nji ýylyň 14-nji dekabrynda çykaran Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» atly kitabynyň many-mazmunyny açyp görkezmek hem-de ýaşlaryň arasynda giňden wagyz etmek baradaky buýrugyna laýyklykda, eseriň many-mazmunyny ýaýbaňlandyrmak boýunça işler giň gerimde alnyp barylýar.

Türkmen ýaşlaryny ata-babalarymyzyň ynsanperwer ýörelgesi esasynda milli ruhda terbiýelemek, olarda watansöýüjilik, agzybirlik, ata Watanymyza, merdana halkymyza bolan buýsançlaryny ösdürmek, Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň milli mirasymyza, edebi we taryhy şahsyýetlerimize, ruhy-ahlak gymmatlyklarymyza goýýan sarpasyny ýaýbaňlandyrmak hem-de talyp ýaşlaryň döredijilik ukyp-başarnyklaryny kämilleşdirmek maksady bilen, Türkmen döwlet maliýe institutynyň guramagynda, Türkmen döwlet maliýe institutynyň, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow adyndaky Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň hem-de Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň Söwda-kooperatiw mekdebiniň talyplarynyň arasynda **«Taryh şu ýerden başlanýar»** atly esse ýazmak bäsleşigi yglan edilýär.

## Bäsleşigiň maksady we wezipeleri

**Bäsleşigiň maksady:**

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň talyp ýaşlarynyň Gahryman Arkadagymyzyň parasatly pikirlerine, çuňňur manyly döredijiligine bolan gyzyklanmalaryny artdyrmak, olaryň çeper pikirlenme, döredijilik ukyplaryny aýan etmek, ýaşlaryň şahsyýet hökmünde kemala gelmegine, ata-babalarymyzyň ruhy-ahlak ýörelgelerine wepaly bolup ýetişmegine ýardam etmek, olarda eziz Watanymyza, Gahryman Arkadagymyzyň eserlerine, milli medeniýetimize egsilmez buýsanjyny ýokarlandyrmak.

**Bäsleşigiň wezipeleri:**
Gahryman Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» atly eserini wagyz etmek;
talyp ýaşlaryň publisistik çykyşlaryny işjeňleşdirmek;
aýratyn zehinli ýaşlary ýüze çykarmak;
döredijilik hyzmatdaşlygyny giňeltmek.

**Bäsleşigi geçirmegiň we gatnaşmagyň şertleri**

Bäsleşigi geçirmek degişli okuw mekdeplerine hat ibermek esasynda we ýörite bildiriş arkaly institutyň resmi saýtynda mälim edilýär.

Bäsleşige gatnaşyjy talybyň essesi we olar baradaky maglumaty beýan edýän resmi hat Türkmen döwlet maliýe institutyna ugradylmaly (bäsleşige gatnaşýan talybyň familiýasy, ady, atasynyň ady, okaýan ýokary ýa-da orta hünär okuw mekdebiniň ady, hünäri, ýyly we essesiniň ady).

Bäsleşige öň hiç ýerde neşir edilmedik, 1 awtor (talyp) tarapyndan ýazylan esse **«Taryh şu ýerden başlanýar»** diýen ýazgy bilen kabul edilýär.

Essäniň möçberi 2-5 sahypa bolmaly, elektron görnüşini Word formatynda (doc we docx giňeltmesi bilen), setir arasy 1,5, Times New Roman şriftinde, 14-lik ölçegde institutyň ilkinji Ýaşlar guramasynyň başlygyna 2025-nji ýylyň ýanwar aýynyň 15-ne çenli gowşurmaly.

Essäniň adynyň ýokarsynda sag tarapdan **«Taryh şu ýerden başlanýar»** atly bäsleşige» diýen goýy gara bilen ýazylan ýazgy bolmaly.

Bäsleşige her okuw mekdepden 5-den köp bolmadyk talybyň essesi 2025-nji ýylyň 15-nji ýanwaryna çenli kabul edilýär.

Bäsleşigiň jemleri 2025-nji ýylyň 20-nji ýanwarynda Türkmen döwlet maliýe institutynyň resmi saýtynda ýerleşdiriler.

**Bäsleşigiň eminleri**

Bäsleşige gatnaşyjylary bahalandyrýan eminler toparynyň agzalary institutyň professor-mugallymlaryndan, ýurdumyzyň jemgyýetçilik guramalarynyň wekillerinden, gazet-žurnallaryň redaksiýalarynyň döredijilik işgärlerinden düzülýär. Bäsleşigiň eminleri özbaşdak işleýärler, çekeleşikli ýagdaý ýüze çykanda goşmaça şert girizmek ýa-da gatnaşyjylara sowal bilen ýüzlenmek hukugyny özünde saklaýar.

**Bäsleşigiň ýeňijilerini yglan etmek**

Bäsleşigiň jemleri boýunça ýeňijiler bäsleşik tamamlanandan soňra emin agzalary tarapyndan saýlanylar we Türkmen döwlet maliýe institutynyň resmi saýtynda ýerleşdiriler. Bäsleşigiň jemi boýunça 1 sany I, 2 sany II, 3 sany III orunlara mynasyp bolan talyplar institutyň adyndan Hormat hatlary we Aşgabat şäher Ýaşlar guramasynyň ýadygärlik sowgatlary bilen sylaglanylar.

Guramaçylyk topary: habarlaşmak üçin telefon belgi: +99361663606
Maglumatlary ýollamak üçin elektron salgy: info@tdmai.edu.tm.